# Käte düşünmeseñ bolýan zatlara…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Käte düşünmeseñ bolýan zatlara… «KÄTE DÜŞÜNMESEÑ BOLÝAN ZATLARA…»




*«Öýke» goşgusyna wariasiýa*
Käte düşünmeseñ bolýan zatlara,
Ynamsyzlyk aralaşsa kalbyña.
Öýke aksa gözleriñden syrygyp
Meni saldym diýip aldym-berdime
Gynanyjy bolma, sebäbi seniñ
Ýaz ýagyşy ýaly mylaýym kinäñ,
Alyp barýar bizi gözümiz baglap,
Süýji wysallaryñ pynhan ýurduna.
Başyñdaky elwan seçekli öýmäñ
Hyrujyñdan barha beleñläp, galgap
Eginleñ üstünde pasyrdap dursa…
Duýsañ meni şonda özüñki ýaly

Çalymdaşlyk görseñ ruhy düñýäñde
Ömürbaky melul edip taşlajak,
Gysganyjy bolma, mähirden doly
Howur çabyraýan pyşyrdylarñy.
Ökünýänem bolsañ maña bildirmän,
Häzir diñlemersiñ höre-köşämi
Ahmyrdanmy, armandanmy horkuldap
Çaga ýaly akdyrarsyñ ýaşyñy.
Derdiñi deñ çekip bilmesem-de men
Ejeñ señ daşyñda bolar perwana
Wah, ol naçar nirden bilsin meñ üçin
Galanyñy ýersiz ýere armana.
Şire duşan jeren kimin galpyldap
Uýalarsyñ aýdyp bilmän arzyñy.
Garabagyr ene alnyñy sypap
Doga-dileg bilen oña:r terziñi.
Owarra urarsyñ şonda bar zady
Unudarsyñ şübhe bilen jepañy.
Meniñ az salymda är ömrüne deñ
Gursagyña üfläp salan wepamy
Arzyly güne çen saklasañ aýap,
Men joşgunly derýa, tolkuny tereñ
Boşan hanalarña dolaryn bada.
Mämeleñde gaýmak mysaly uýap
Süýt şekline giren muhabbetiñi
Saña "Eje!" diýjek,
Maña-da "Däde!",
Naşyja perzendiñ sokjap alanda
Göwüsleñ mazaly syzlar,
eziler,
Şonda maña bolan öýkäñ ýazylar…

Surat: Salwador Dali. Goşgular